# Ketje sorag / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ketje sorag / satiriki hekaýa

KETJE SORAG

Lakgy lektor leksiýasyny gutardym edip, prezidiumda irkiljiräp oturan partorgyñ ýüzüne gedemlik bilen seretdi.
– Men-ä boldum, belki… – Ol üsgünjiredi. Gapdalynda, münberiñ üstünde goýlan stakandaky suwdan hopurdadyp owurtlady.
Partorg gözüni owkalaşdyryp zala seretdi.
– Onda, näme, soragyñyz ýok bolsa…
– Bar – diýip, ortaky hatardan kimdir biri zöwwe ýerinden galdy.
Partorg gözüni tegeläp, ses gelen tarapa seretdi. Gulagyny gabardyp, ýañky dyzmaç pyýadanyñ soragyny diñledi.
– Ýoldaş lektor. Siz, ýañy çykyş edeniñizde, 173 gezek "durgunlyk ýyllary" diýen sözi ulandynyz. – Zalyñ gowry köpeldi. – Hawa, men sanadym. Ylaýyk 173 gezek aýtdy – diýip, ol töweregine garanjaklady. Soñra sözüni dowam etdirdi. – Näme üçin. Brežnewiñ döwrüne "durgunlyk ýyllary" diýilýär. Gaýtam, şol döwürde dükanlarda adyny tutan zadyñ bardy ahyryn…
– Ýaýk, muñ keçje sorag berşine seret. Wot, imenno, gepem şonda-da. Öz aýdyşyñ ýaly. Şo döwürde adyny tutan zadyñ dükanlarda durardy. Ine, şoñ üçinem o döwre "durgunlyk döwri" diýilýär…
Lektoryñ jogabyndan özüçe many çykaran oba adamlary "durgunlyk döwrüniñ" ýene-de gaýdyp gelmegini arzuw edişip dargadylar.

Täçmämmet JÜRDEKOW,
Türkmenistanyñ halk ýazyjysy.

Satiriki hekaýalar